# SÖZ BAÝLYGY WE LENÇ EDILEN SÖZLER

Ene diliň baý mirasyna eýe bolan adam hemişe özboluşly sözleýär. Şol bir wagtda-da, ol örän çylşyrymly zatlar barada düşnükli gürrüň berip bilýär. Sözüniň baýlygy barada alada etmeýän adamlar kesekiniň aýdýan sözlerini gaýtalaýarlar. Olaryň çykyşlarynda hemmeleri bizar eden şol bir söz-ler gaýtalanýar. Şeýle sözlere lenç edilen sözler diýilýär. 15-20 sany lenç edilen sözi ulanyp, olar islän temasy boýunça çykyş edýärler.

Resmi-edara kagyz dilinde ulanylýan kanselýarizmler, ýagny galyplanan sözler lenç edilen sözüň bir görnüşidir. Mysal üçin, «gyz-gyn goldaw tapýar», «işinde», «bu ugurda», «berlen görkezmeleri ýe-rine ýetirip», «çäreleri amala aşyryp»…

Dilewarlygyň başga bir uly kemçiligi, ol hem bolsa umumy, da-baraly, batly, ýöne boş sözleri giňden ulanmakdyr. «Karar kabul edil-di», «göreş alyp barmak», «tüýs ýürekden ynanmak», «degişli döwür-de» ýaly sözler hem lenç edilen sözleriň bir görnüşidir.

Dilewaryň söz baýlygy, onuň işjeň we passiw (köp we az ulanyl-ýan) söz baýlygyndan belli bolýar.

**Işjeň sözler** – bu dilewar tarapyndan pikir aňladylýan we diňleýjilere ýetirilýän sözlerdir.

Passiw sözler – bu tanyş we düşnükli, emma gepleşikde seýrek ulanylýan sözlerdir.

Ýönekeý adamyň işjeň söz baýlygy, takmynan, 1-2 müň sözden durýar diýlip hasap edilýär. Käbir adamlar 300-den 600-e çenli söz bilen çäklenýärler.

Medeniýetli adamyň işjeň söz baýlygy 3-4 müň söz bolup, pas-siw söz baýlygy 15 müňe ýetýär. Meşhur rus ýazyjysy L. Tolstoýyň eserlerinde 60 müňe golaý söz ulanylypdyr.

Dilewaryň çykyşynyň söz baýlygy onuň sinonimleri ulanyp bilşine baglydyr. Sinonimler şol bir sözleri gaýtalamazdan, pikiri anyk we takyk beýan etmäge mümkinçilik berýär. Mysal üçin, geplemek, sözlemek, nutuk aýtmak, çykyş etmek, hümürdemek, warsaky urmak, güplemek, warryklamak, wagyrdamak, diýmek, duýdurmak, syzdyr-mak, üýrmek, aňňyrmak, samsyklamak, horkuldamak, jabjynmak. Sinonimler adamyň bolup geçýän hadysalara bolan garaýşyny has aýdyňlaşdyrýar.

**Ejegül ALYÝEWA**

**S.A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk**

Все права защищены

22.11.2024

**uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены